# Sesler

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sesler SESLER



*Argentinaly şahyr (1886-1968) Antonio Porkýanyň poeziýasy «pikirleriň özboluşły owazydyr» Onuň zygyrlary iňňän gysgalygy, haýsydyr bir edebi usullardan hem ölçeglerden halasdygy bilen tapawutlanýar. Şahyryň özi şeýle goşgularyny gosgy dal. de, sesler diýip atlandyrypdyr. Belki, olara «seslere bürenen pikirler» diyseň, has dogry bolardy. Awtoryň «Sesleri» ilkinji gezek Argentinada geçen asyryň 40-njy ýyllarynda neşir edilýär. 1949. njy ýylda bolsa, ol Fransiýada, 1969-njy ýylda iňlis dilinde ABŞ-da okyjylar köpçüligine yetirilýär.*



* * *

Ýatlama-bakylygyň bölejigi.

Ähli gapyny açan olaryň hemmesini ýapybam biler.

Meniň pikirlerimiň ählisi bitewi bir zat. Sebäbi men hiç haçan pikirlenmämi goýmadym.

Ony görüp durkamam, ol maňa kördür öýdýär.

Käte gije hiç zat görmezlik üçin çyra ýakýaryn.

Ähli zat amala asyrylansoň, hatda säherem gussaly görünýär.

Özüniň gülkünçdigini bilen adam gülmeýär.

Hudaý adama köp zat beripdir, ýöne adam adamdanam bir zatlar hantama.

Seniň bar zadyny bagyň edeniňe hiç kim düşünmeýär. Gayta, ýene eçileriňe garaşýarlar.

Eger Günüň seyregem bolsa, özüme seredýänine ynanmaýan bolsadym, onda menem oňa seretmezdim.

Öz galdyran dagym ýykylmazlyk üçin menden çage zerrejigini soraýar.

Meniň ýakynymda diňe alyslyklar bar.

Onuň gözleriniň ýalkymy öçende hatda menem tümlügi gördüm.

Kemçilikleriňi peýdalanmazlyk olaryň ýokdugyny aňlatmaýar.

Her gezek oýananymda hiç zada öwrülmegiň juda ýönekeýdigine düşünýän.

Ýüregim agyrýar. Yöne ol agyrmal-a däldi. Sebäbi ol meniň bilenem, özi üçinem ýaşanok.

Hiç kim öz-özüne Gün bolup bilmez, hatda Günem.

Uly ýürek sähel zada pürepür bolýar.

Her bir oýunjagyň döwülmäge haky bardyr.

Göni ýol diňe bir aralygy däl, ömrüňem gysgaldýar. Sözler